(Francois Closset). Belgiýaly tanymal usulyýetçi F.Klosse daşary ýurt dillerini okatmakdaky tejribesini „Didaktikigue des langues vivantes” (4th ed., Paris-Brusseles, 1965) kitabynda umumylaşdyran. Onuň pikirine görä, daşary ýurt dilini okatmagyň usuly üç maksady amala aşyrýar: amaly-dilden sözleýiş, okuw we ýazuw başarnyklarynyň we endikleriniň ösüşine zerur bolan sözlük baýlygyny we esasy grammatik düşünjeleri özleşdirmek, terbiýeleýjilik — çaganyň başarnygyny ösdürmek, umumybilim-dili öwreilýän ýurduň durmuşy we medeniýeti bilen tanyşdyrmak. Okadylýan okuw jaýyna laýyklykda, şol maksatlar dürli görnüşde seljerilýär. Bu wezipeleri tapgyrma-tapgyr ýerine ýetirmegiň usullaryny işläp düzýär. F.Klosseniň belleýşine görä, dilde köp ulanylýan 3000 sözüň tekst mazmunynyň 95%-ni düşünmäge mümkinçilik berýär. Dogry usuly inkär edip, özüni garyşyk usulyň tarapdary diýip yglan edýär.

F.Klosseniň pikirine görä, daşary ýurt dilini okatmagyň aşakdaky usuly düzgünlere boýun egdirilmegi gerek:

1. Okuwçynyň işjeňligini goldamak.
2. Erkinligine we islegine görä mümkinçilik döretmek.
3. Okuwçylaryňşahsy inisiatiwasyna goldaw bermek.
4. Temalar we gollanmalar saýlananda okuwçylaryň başarnygyny hasaba almaly.

F.Klosseniň okadyş ulgamynyň ajaýyp pikirleriniň biri diliň nazaryýeti bilen baglanyşyklydyr. Onuň garaýşyna görä, dili induktiw (aňsyz) ýa-da öýkünme ýoly bilen öwrenip bolmaýar.

Dil materialyny (fonetika, leksika, grammatika) we sözleýşiňgörnüşlerini öwretmek boýunça F.Klosseniň usullarynyň geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň usulyýetindäki usuly ugurlara gabat gelýän ýerleri köpdür.

**Dursun ÇARYKULYÝEWA**
**Lebap welaýatynyň**
**Çärjew etrabynyň**
**29-njy orta mekdebiniň**
**iňlis dili mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024